# Nemesler kürtämizi ogurlapdyr

Category: Kitapcy,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nemesler kürtämizi ogurlapdyr NEMESLER KÜRTÄMIZI OGURLAPDYR



Çüýrän agaçlardan ýasalan öýlerde ýaşaýan garyp halkyň açlykdan has erbet derdi bar – daş-töwerek dürli kesellerden doly, ýöne derde derman ýasajak lukman ýok. “Garaňky döwürler” diýip atlandyrylýan orta asyr Ýewropasyny beýle ýagdaýda ilkinji gezek görýärin. Mundan öň Ýewropany diňe Golliwudyň kameralaryndan görüp bolýardy we her künjegi şatlykdan doly we abadançylykdy.
Orta mekdepde taryh sapagyndan öwrenen Ýewropam Golliwudyň suratlandyrýan Ýewropasyndan düýpli tapawutlanýardy. Şol sebäpli “Orta asyrlar Ýewropasy” diýlende hyýalymda gowy ýa

erbet ýer janlanmalymy bilmeýärdim. “Lukman” kinosyny görensoň bikararlygym ýuwaş-ýuwaş ýitip başlady. Ýewropa barada pikir döredi – taryh kitaplary çynyny, Golliwud kameralary bolsa ýalan aýdýardy.

Kinonyň baş gahrymany Rob rolunda oýnaýan Tom Peýn. Rob aýratyn zehine eýe bolan iňlis oglan. Içi keseller bilen gurşalan Angliýada tejribeli doktor bolmansoň ejesini ýitirdi. Şol sebäplem ökde doktor bolup ejesiniň ölümine sebäp bolan keselden ar almagy ýüregine düwdi. Döwür geçip döwran dolanyp Rob ýigide öwrülýär. Angliýa göçüp baran ýewreýlerden gündogarda Ibn Sina atly ökde doktor hakda eşidýär we şol bada Lukman Hekimiň medresesinde bilim almak üçin Yspyhana tarap ýola çykýar. Gelýär, öwrenýär edýär beýdýär – bu zatlary kinoda özüňizem görersiňiz. Gürrüň etmek isleýän zatlarym bular däl.



*Britan aktrisasy Emma Rigbi*
Kürte geýen Emma Rigbiniň suratyny sosial mediada görensiňiz.

Ol “Lukman” kinosunda Rebekka atly şotland gyzyny janlandyrýar. Kürte bilen şotlandyň näme baglanşygy bar diýmegiňiz mümkin, bu soragy özüme-de berdim. Ýöne bilmek başartmady. Belki-de Yspyhana tarap gidýän Rebekka Konstantinopol ýa-da Şam şäherinden kürtäni satyn alandyr? Sebäbi Şotlandiýadan Eýrana gidýän kerwen şol şäherleriň üstünden geçýär.
Wakanyň bolup geçen döwürlerinde türkmenler entek Ýakyn Gündogar sebitine aralaşmandy, Şol sebäpli Rebekka kürtäni Şamdan ýa şoňa meňzeş ýerden satyn alyp bilmeýär. Sebiti we taryhy gowy tanamaýan režissýor ünsi çekmek üçin geýdirdimikä diýýän. Kinoda owadan köýnek geýen diňe şol bar. Beýlekileriň hemmesi halta ýa ganar geýipdir.
Kinoda owadan Rebakkadan başga Lukman Hekimiň rolunda oýnaýan Ben Kinslini we meşhur medresesini görüp orta asyrlardaky musulman siwilizasiýana syn edip bilersiňiz. Seljuklaryň entek döwlet bolman gonup-göçüp ýörüşlerine hem kinoda uly orun berlipdir. Ýöne gynansagam ata-babalarymyz garakçy, medeniýetsiz çapyksuwarlar hökmünde tanadylýar. Biz kitaplarymyzda seljuklaryň ýeňişleri bilen öwünip ýörüs welin, kinoda bütinleý ýere sokupdyrlar. Aý nätjek, günbatar edebiýatynda hökman bir erbet obraz bolaýmaly. Olaram bizi saýlapdyrlar. Hem-ä kürtäniň nepisligi bilen tomaşaçynyň ünsüni ogurla, hemem kürtäni döreden halky medeniýetsiz, galtaman edip görkez. Bir şu tarapy bar diýäýmeseň kino ýamanam däl.




Film: «Lukman» («Der Medicus»), beýleki atlary: “The Physician”, “Лекарь: Ученик Авиценны”.
Çykaran ýurt: Germaniýa (2013).

Režissýory: Filip Ştýosl.
Baş rollarda: Ben Kingsli, Tom Peýn.
@ Ortanjy, wordpress, 2014 ý.

# Internetden alyndy. Teatr we kino sungaty